# ABŞ we kiber «Pandoranyñ gutusy»

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
ABŞ we kiber "Pandoranyñ gutusy" ABŞ we KIBER «PANDORANYÑ GUTUSY»




*Kiber çaknyşyklar we bularyñ geljekdäki netijeleri sebäpli dünýä hakyky howp astynda*
3-nji awgustda ABŞ-nyñ prezidenti Jo Baýden dünýäni eýmendiriji gorpuñ gyrasynda goýdy. Ol Waşingtondaky kontrrszwedka işgärleriniñ öñünde ýarym sagada golaý wagtlyk çykyşynda ABŞ-na gönükdirilen soñky wagtlarda barha artýan we hakyky global urşa öwrülmegi örån ähtimal bolan kiber hüjümler boýunça ürküziji duýduryşlary berdi. Okyjylaryñ şeýleräk soragy orta atmagy gerek bolýar:
Baýdeniñ soñky duýduryşlarynyñ öñümizdäki noýabr aýynda geçiriljek amerikan kongresiniñ saýlawlary bilen baglanyşygy barmy?
Belki-de, göni jogap bermezden öñ ABŞ-nyñ içine aralaşma meselesiniñ üstünde durup geçmeli. Umuman alanda amerikanlara we ýöriteleýin Demokratik partiýa garşy ilkinji hem-de gazaply garşylyk 2016-njy ýylyñ prezident saýlawlarynda bolup geçenlerdi.
Hawa, hiç hili subutnama ýokdugyna garamazdan ruslaryñ Hillari Klintonyñ saýlaw kampaniýasyndaky elektron poçtalaryna aralaşyp, ony şowsuzlyga uçradandygy we onuñ bäsdeşi Donald

Trampa artykmaçlyk döredendigi baradaky aýyplamalar dowam edýär.
Ikinji uly aralaşma Baýdeniñ prezident saýlanan 2020-nji ýylyñ ahyrlarynda bolup geçdi. Baýden aýratynam «kibergarakçylaryñ gazna, döwlet we söwda ministrliklerine, şeýle-de howpsyzlyk saýtlaryna aralaşmaklarynyñ mümkindigi» hakdaky radikal şübheleriñ çäginde şol döwür bu operasiýany gurnanlary jezalandyrjakdygyna söz berdi.
Eýse kiberhowpsuzlyk adalgasy nämüçin şugünki gün wakalaryñ üstünde gaýmalaýar? Onuñ ýollary we ugurlary täze jahan urşunyñ ýoluny arçaýarmy?
Elektron aragatnaşyk torlary gorag mehanizmlerinden hüjüm platformalaryna, walýuta dolanşygyndan uçuş zolagyna çenli adam hereketleriniñ köpüsine guramaçylyk edýän, koordinirleýän, hatda synlaýan we gözegçilik edýän torlara öwrülendigi üçin gysgaça alanda peýdaly.
Edil ether arkaly geçirilýän maglumat pikiriniñ has peýdaly we ýokary hilli adam durmuşy üçin ulgama öwrülen bolsa, manipulirlenen ýagdaýynda-da adam howpsuzlygy we agzybirligi üçin uly howp döretjek ýagdaýa geldi.
Bu ýagdaý uruşlarda gury ýerden, deñizden, howadan we kosmosdan soñ bäşinji ugur bolandygy sebäpli harby strategistleriñ arasynda bu boýunça köpçülikleýin pikiriñ ýüze çykmagyna getirdi.




Geçen hepde ABŞ-nyñ prezidenti täsin we geñ galdyryjy görnüşde ýüzüni gataltdy. Dünýä suwuk ýangyç ýerleýän şereketiniñ ABŞ-nyñ içinde uçran haker hadysasyny yzarlady. Gürrüñi edilýän hadysa on alty ştatda suwuk ýangyç geçirijileriñ togtamagyna sebäp boldy.

Ýaşaýşyñ motorlara bagly ýagyşly ABŞ-synda munuñ nämäni añladýandygyny bilýärsiñizmi?

Garakçylaryñ eli uly azyk şereketlerine we aýratynam et önümlerine-de ýetdi. Bu ýagdaý millionlarça ABŞ-lynyñ esasy sarp edijileriniñ arasynda pikir bulaşyklygyna getirdi. Şol bir görnüşde iki aý öñ daşary ýurtly kompýuter garakçylary

Waşingtondaky polisiýanyň işe degişli ähli resminamalaryny ele saldy.
Kibergabaw tä soralan pul berilýän aýrylmady. Iň howply zat bolsa, şetle bandalaryň indi paýtagtdaky polisiýanyň iş şertlerini we soňky bolýan zatlary iň ownuk jikme-jikliklerine çenli bilme ukybynyň barlygydyr.
ABŞ-da şübheler uly howsala düşülmegine getiren «SolarWinds» şereketiniň töwereginde gaýmalaýar. Içerki howpsuzlygyň öňki ministri Çad Wolfyň elektron poçtasyna we işi daşary ýurtlardan gelen kompýuter garakçylygy howpuna garşy göreşme wezipesini-de öz içine alýan kiberhowpsuzlyk personalynyň agzalary aragatnaşyk elýeterli edildi.
Mazaly seljerip-öwrenip görenimizde, Baýdeniň nukdaýnazaryndan syzma hereketleriniň hakyky urşa öwrülme, sanly ulgam dünýäsinden hakyky urşa öwrüle ähtimallygy boýunça çemeleşmesiniň bardygyny görýäris.
Onuň hökümetiniň geçen aprel aýynda rus diplomatlaryny ýurtdan çykarmagy-da ýöne ýere däldi. 2020-nji ýylyň prezident saýlawlaryna täsir etmäge synanyşylandygy hakda anyklyk gazanan şek-şübheler bar. Häzir demokratlaryň we respublikanlaryň arasynda gazaply garpyşygyň gidýän Kongresi üçin orta aralykly garpyşygy täzeden meýilleşdirýärler.
Bular bilen bir hatarda ABŞ-nyň 27 ştatynda prokuraturanyň edara binalaryna birugsat girişleriň bolandygy hakdaky maglumatlar ýüze çykdy.
Ýagdaý şeýle bolýan bolsa, amerikan kontrrazwedkasynyň Orsyýetiň territoriýasyna gönükdiren işlerine degişli Orsyýetden aýratyn nägilelik geldimi? Kremliň press-sekretary Dmitriý Peskow şu günlerde amerikan kontrrazwedkasynyň Orsyýetde aktiw hereket edýändigini we şol bir wagtyň özünde rus kanun çykaryjy edaralary üçin geçiriljek saýlawlara täsir etmäge synanyşýandygyny aýtdy.
Bu ýagdaý Orsyýetiň Döwlet Dumasynyň Daşardan gurnalýan operasiýalar boýunça derňew komitetiniň başlygy Wasiliý Piskarýow tarapyndanam tassyklandy.
Eýsem bu, ýakyndan wagtda aýylganç global çaknyşyga öwrüljek kiber kontrrazwedka pyrryldagymy?
Fransiýanyň Geografiýa institutyndan professor Frederik Dosýeriň pikiriçe, ABŞ grek mifologiýasyna görä kiber «Pandoranyň gutusyny» açdy we häzir hiç kim onuň şumluklary bilen ýüzleşenok.

Netijede kiber çaknyşyklar we bularyñ ertirki netijeleri sebäpli dünýä hakyky howp astynda.

Emile AMIN,

Müsürli žurnalist.

Penşenbe 05.08.2021 ý. Publisistika